همشهري
2003 ,17March, دوشنبه ۲۶ اسفند ۱۳۸۱ - شماره ۳۰۰۷-

گفت وگو با رئيس جمهوري تركمنستان

## رايزني دوبه دو

تا قبل از تعيين رژيم حقوقي دريا نمي توان به راحتي درباره تقسيم آن به بخش هايي كه متعلق به كشوري باشد صحبت كرد

*گروه بين الملل، نفيسه كوهنورد*

Türkmenistanıñ presidenti S.M.Niyazov 10-nınjı martda Tahrana resmi vizit bilen baranda, Iranıñ reforma tarapdarı "Hemşehri" gazeti onuñ bilen söhbetdeşlik geçiripdir. Bu interview gazetiñ 17-nji mart sanında yerleşdiripdir. Makalanıñ yanı bilen üç sanı surat-da yerleşdirlipdir. Birinji suratda gülüp duran Niyazovıñ şekliniñ arkasında Türkmenıñ yaşıl tuwgı/baydagı görünyär, ikinjisinde başına täç geyen Niyazovıñ suratı, üçünsi suratda bolsa añırsını bakıp duran bir goja Türkmen görünyär.

Interviyunı geçiren Hemşehri gazetiñ jurnalisti Nefise Kuhneverd, giriş bölüminde şeyle diypdir:

Özüni Türkmenbaşı atlandıran S.M.Niyazov, bu adıñ bütin yurtda yöredilmegini dıynıgsız ündäp gelyär. Ol ecesi Gurbansoltanıñ adını April ayına dakdı we munuñ bilenem çäklenmän, çörege-de ecesiniñ adını berdi. Nıyazov ecesini Adalatıñ simbolı diyp häsyetlendirdi we onuñ heykellerini dikdirdi. Ozalkı kommunist, häzirki Türkmenistanıñ Demokratik partiyasınıñ birinji sekretarı bolan Nıyazovıñ bu täze partiyasınıñ 52 müñ agzası bolar, olardan 48 müñsi owalkı kommunist partiyanıñ agzalarıdır. Öz-ara ıktısadı we howpsuzlık meselesi bilen baglanşıklı ılalaşıklara gol goymaga höwesli Garaşsız Döwletlere Arkalaşıgına(GDA) beyleki yurtlarıñ yolbaşçılarıñ tersine, Nıyazov ähli pudaklarda yüzüni Orsyete tutyar, mundan başga Türkmenistan halkara guramalardan BMGuraması, Regional Iktısadı Hızmatdaşlık Guraması ECO-nıñ agzasıdır.

Bellemeli zat, birinjiden Iranıñ Islam dinina dil yetiryänlere şol snadan Salman Roşdınıñ başına bayrak goyyan bir mahalı Türkmenistanda pigamber derecesine yetirlen Nıyazova bu interviyuda kelam agız sözlenmändir. Ikinjiden bolsa jurnalist, jenap Niyazov, ya-da başga hormatlayıcı sıpat ulanamdan, sorag berip başlamagıdır.

S: Iran bilen Türkmenistan, Hazar deñziniñ statusını kesgiytlemekde, beyleki Hazar yaka döwletler yalı, Orsyet bilen ikiçäk ılalşıga gol goyman gelyärler, Hazar deñziniñ hukuk durumını kegiytlemäge siz haysı teklipleri öñe süryärsiñiz?

J: Bu babatda häzir biz Iran hem beyleki döwletler bilen gepleşik alıp baryarıs. Häziriñ özünde köp taraplayın ılalaşık gazanmak mümkin däl, şoña görä biz-de iki taraplayın geñeş edyäris, başgalar-da şu yoldan ılalaşıga barışdılar. Gazagıstan bilen Orsyet iki taraplayın ılalşdılar, biz-de Orsyet we beyleki döwletler bilen ılalaşık gazanmaga sıynanşyarıs.

S: Siz öz alıp baryan gepleşikleriñizde şeyle-de Hazar yaka döwletleriñ maslahatında Hazar deñziniñ statusınıñ kesgiytlenmegini esası mesele edip goyyarsıñız. Yöne siziñ bu baradakı pozisyañız beyleki döwletleriñkä meñzeş däl, umuman bu barada siz öz pozisyañızı yene bir gezek aydıp berseñiz?

J: Hazar deñziniñ statusını kesgiytlemek gatı çılşırımlı iş, yöne onuñ dürli taraplarını oñaylı derñemeli, Hazar yaka ähli döwletleriñ bähbidini göz öñüne tutmalı, beyle edilmedik yagdayında problema çözülmez. Türkmenistan iki taraplayın gepleşikleriñ alnıp barılmagınıñ tarapını tutyar, biziñ bu sıyasatımız üçünji bir döwletiñ bähbidine ziyan yetirmez hem-de Hazar yaka bäş döwletiñ gatnaşıklarındakı deñ-agramlılıga-da zerer yetirmez. Başgaça aydılanda biziñ

döwletimiz, Hazar meselesinde konliktlere hem-de dürli bloklarıñ döremek, birnäçe yurt bolup, beylekisine garşı durmak yalı ideologiyaları kabul edenok.

S: Iran bilen Türkmenistan, Hazar deñziniñ aralık linyasını kesgiytlemekde-de ılalaşıp bilmän gelyärler, siz bu dogruda haysı pikri öñe süryärsiñiz?

J: Hazar deñzinde hiç haçan döwlet araçägi hökmünde kesgiytli bir punkt bellenmändir, ol häzirem şeyle, esası problemalarıñ biri-de milli eyeligi görkezyan ara nokadıñ yoklıgıdır. Şoña görä Hazar deñziñ statusını kesgiytlemezden, onuñ kenar yaka döwletleriñ arasında bölünmegi hakında gürrüñ edip bolmaz. Munuñ üçin hemme taraplayın giyñ möçberde barlag işini alıp barmalı. Eger mesele iki taraplayın gepleşikler esasında çöülip bilmese, onda Türkmenistan, halkara arbitraj yagnı ılalaşdırıjı suda yüzlenmegine ınanyar. Bu barada döwletleriñ milli häkimiyetine hormat goyyan BMGuramasınıñ konvensiyasınıñ kada-kanunları we normlarına dayanıp iş alıp barıp bolar. Iran bilen-de belki ılalaşık gazanadık, muña bolsa Deñziñ statusınıñ kesgiytlenmegi oñat kömek edip biler.

S: Siz meybugat konferensiyañızda, dürli howplara garşı Iran-Türkmenistan arasında harbı hızmatdaşlık barasında agzap, bu barada bir ılalaşıga-da gol çekilendigini aytdıñız. Howplardan maksadıñız näme?

J: howp we haybatdan maksadım tebigi betbagtçılardır, elbetde gelnen ılalşık esasında, her iki döwletiñ harbı güyçleri, öz bäbiytlerini goramak üçin yerleşdirler.

S: Özbegistan BŞ-larıñ harbı bazasına öwrüldi, Amerika Kavkazlarda we Y.Gündogarda täsirini barha ösdüryär, Türkmenistan bolsa bi-tarap sıyasatını alıp baryar diyyärsiñiz, siz bu yagday hakında näme diyyärsiñiz?

J: Halkara meseleler barasında söhbet etmekden gaçarak durmagını halayarın.

S: Siz Owganıstanı Türkmenistanıñ ıktısadı proyektlerınde möhüm partniyor diyyärsiziñ, Iran we Türkmenistanıñ goñşusı bolan Owganıstanda köp taraplayın kıynçılıklar bilen yüzbe-yüz duryar. Siziñ pikriñize görä, Iran bilen Türkmenistan Owganıstanda durnuklılıgı hem gaytadan dikeldiş işlerine nähili yardam edip biler?

J: Kıyamat güni goñşudan diylyär, bu pähim biziñ daşarı sıyasatımızıñ özenidir. Owgan halkı-da öz yurtlarında parhatçılıgı ornaşdırmaga güyç-kuwat gazar. Häzir biz Owganıstana elektriz energiyasını hem-de suwuklandırlan gazı satmak, Owgan-aşır gaz geçirici proyetlerimiz bar. Men Iranıñ-da Owganıstana hoş niyetli garayandıgına ınanıp, bu barada Tehran bilen hızmatdaşlık etmäge tayyardıgını ıglan edyärin.

S: Bu günler dünyä möçberinde Halkara terorizm barasında gürrüñ edilyär, Orta Azyada terrorçılıklı hereketler-de bar, siziñ pikriñize görä, halkara terrorizimiñ öñüni almak üçin regional hızmatdaşlıklar nähili täsirli bolar?

J: Terrorizimiñ milleti yok, ol bir döwlete degişli zat däl, şoña görä onuñ bilen halkara derecesinde göreşmeli bolar. Gıynansagam biz-de terrorçılıklı herekete uçradık, ol-da barıp yatan gorkunç görnüşi yagnı zor bilen döwleti we onuñ öz-erkinligini agdarmak derecesindäki terrorisim. Eger dünyä döwletleri terrorizmiñ hakıkı mazmunı barasında bir meñzeş oylansa, onuñ şeyledigine göz yetirse, terrorizim asla yeñip bilmez. BMGuramasınıñ baş sekretarı cenap Kufi Annan Aşgabatda meniñ bilen duşuşanda, terrorizme garşı regional hızmatdaşlıgıñ ösdürlimegi hakında durup geçip, yakın wagtda bu barada Aşgabatda BMGuramasınıñ tagallası bilen Orta Asyada konfliktleriñ öñüni

almak we durnuklıgı üpjin etmek üçin bir maslahatıñ geçirilcekdigini mälim etdi. Șonda transport, energiya, suw astı baylıklar, neșe kontrabada garșı göreș we serhet-ara dawaları çözmek barasında pikir alșılar.

Șu yerde interviyu tamam bolyar, yöne onda hormat üçin diylyän “söhbetdeșlik üçin sag boluñ” diyen söz yerleșdirilmändir.

Interviewini Türkmençä öwren:
Akmurat Gürgenli